# Öter…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Öter… ÖTER …

Eý, dili-nadan, tekepbir bolma bul döwran öter!
Бакыдыр ба: рй дарагтын панидан баббан öter.

Gör, bu gün ebri-syýa elde şimşi: ri – desti-hat,
Erte mundan ak-gara her ne ebru-ba: ra: n öter.

Jem kylyp, mugtatlaryn diwan gurupdyr Şa-Senem,
Taýreder düýdi-hak Gökde, zeminden diwan öter.

Deññene eýleme göwün, heser mutryby bilen,
Gam hem gonakdyr suprada, supradan myhman öter.

Bilbil perinden neý ýasap, ee çen saýrasa-da za: g,
Sebgul-mesanydan ha: ryj ýazylan dessan öter.

Gökden habarlar a: şyran, nil gözlü beni-jan hany ?!
Hefti-reñ heft-çehre senem ez Müsri fettan öter.

Güzerde piri-mugan metiýe ýazar puştuna,
Буэна ýalançy söwdadyr, ee öten handan öter.

Demawende gul bolan armanda – ahmak leşgeri!
Musañ ötmedik ýoluna intizar umter öter.

Selle, don, tesbi – serenjam gezer meýhana küýzesi,
Jennet-jähennem kisede, zybanda iman öter.

Röwşen zulmata giriftar, bagtyýarlyk kandadyr
So: rma saky, diñle-gör kim, ozaldan beýan öter.

Sagadat tapdy Süleýman garynja söhbetinden, Soltany
-Köwneýden özge ee möhür – soltan öter.

Jan beren Janandan gaýra kim anñar ahwalymyz?

Jan beren Janandan aýra düşmesin, bu jan öter …

♧ Sözlük:
* dili-nadan – nadan göwün
* baky – ebedi, galan, yzda galan
* ebri-syýa – gara bulut
* ba: r – miwe
* şimşir – gylyç
* desti-hat – gol, el haty, keşde
* baran – ýagmyr
* mugtat – bir endige juda bagly kişi, tussag,
* taýretmek – uçmak
* düýt – duman, tüsse
* mutryp – sazanda, bagşy
* za: g – garga
* Sebgul -mesany – Kurany-Kerimiñ Alham süresi
* haryj – daşary, daşarda
* nil – gök reñk, Müsürde ýerleşýän uly derýanyñ ady (Gadym Müsür ynanjynda örän mukaddes hasaplanan derýa)
* hefti-reñ – ýedi reñkli; heft-çehre – ýedi suratly
* senem – но, kult
* ez Müsür – Müsürden
* fettan – pitneçi, şeytan
* piri-mugan – ýaşuly, halypa, meýhana sakysy
* methiýe -tarypnama
* handan – gülýän kişi, güler yüz
* Soltany-Köwneýn – Ee iki älemjahanyñ Soltany

© Taýmaz SEÝIDOW. Goşgular